Интернет газета
Международные новости
#209 (231)
среда, 25 декабря 2024 года
Учредитель — Министерство иностранных дел Туркменистана


# TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ MEJLISI



Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda ýurdumyzyň ykdysady taýdan ösdürilmegine gönükdirilen işler netijeliligi bilen tapawutlanýar. Şunuň bilen baglylykda, 21-nji dekabrda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Mejlisiň gün tertibine döwlet durmuşynyň birnäçe möhüm meseleleri girizildi.

Ilki bilen, Mejlisiň Başlygy D.Gulmanowa çykyş edip, ýurdumyzyň durmuş-ykdysady taýdan ösdürilmegine, döwlet maksatnamalarynyň üstünlikli durmuşa geçirilmegine gönükdirilen milli kanunçylygy kämilleşdirmek boýunça alnyp barylýan işler barada maglumat berdi.

Döwlet Baştutanymyz ýurdumyzyň kanunçylyk binýadyny mundan beýläk-de kämilleşdirmek hem-de döwrebaplaşdyrmak boýunça alnyp barylýan işleri dowam etdirmegiň möhümdigini belledi.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary H.Geldimyradowyň hasabaty diňlenildi. Hasabatda bellenilişi ýaly, sanly ulgamy ornaşdyrmak arkaly ykdysadyýet, maliýe we bank toplumynyň işini döwrebaplaşdyrmak boýunça görülýän çäreler barada aýdyldy.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ykdysadyýet, maliýe we bank toplumynyň işiniň ýurdumyzyň hemmetaraplaýyn ösüşi bilen aýrylmaz bagly bolup durýandygyny aýtdy we wise-premýere gözegçilik edýän toplumynda sanly ulgamy ornaşdyrmak boýunça alnyp barylýan işleri dowam etdirmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Amanow «Türkmennebit» döwlet konserniniň maddy-enjamlaýyn binýadyny mundan beýläk-de pugtalandyrmak, nebithimiýa senagatyny döwrüň talaplaryna laýyklykda ösdürmek babatda geçirilýän işler barada aýdyp, hormatly Prezidentimiziň garamagyna degişli resminamanyň taslamasyny hödürledi.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, degişli Karara gol çekdi hem-de ony sanly ulgam arkaly wise-premýere iberip, resminamanyň ýerine ýetirilişini gözegçilikde saklamagy tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary T.Atahallyýew oba hojalyk pudagynda hem-de ýurdumyzyň welaýatlarynda dowam edýän möwsümleýin oba hojalyk işleri barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, oba hojalyk pudagyny toplumlaýyn ösdürmegi, maddy-enjamlaýyn binýadyny pugtalandyrmagy dowam etdirmegiň zerurdygyny belledi we wise-premýere birnäçe tabşyryklary berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Annamämmedow «Türkmenhimiýa» döwlet konserni hem-de onuň kärhanalary tarapyndan alnyp barylýan işler barada hasabat berdi. Şunuň bilen baglylykda, hormatly Prezidentimiziň garamagyna degişli teklip hödürlenildi.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, «Türkmenhimiýa» döwlet konserni tarapyndan oba hojalyk pudagyny mineral dökünler bilen öz wagtynda üpjün etmek babatda degişli işleriň alnyp barylýandygyny aýtdy hem-de ýurdumyzyň oba hojalyk önüm öndürijilerini fosforly dökünler bilen üpjün etmek maksady bilen taýýarlanan teklibi goldap, wise-premýere bu ugurdaky işleri dowam etdirmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary N.Atagulyýew 2025-nji ýylda ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary tarapyndan ýurdumyzda we daşary döwletlerde geçirilmegi teklip edilýän sergiler, maslahatlar, işewürlik duşuşyklary barada hasabat berdi. Şunuň bilen baglylykda, wise-premýer döwlet Baştutanymyzyň garamagyna degişli teklibi hödürledi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, bu ugurda taýýarlanylan teklibi goldady hem-de wise-premýere degişli tabşyryklary berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary M.Mämmedowa geljek ýylyň ýanwar aýynda geçirilmegi meýilleşdirilýän esasy çäreleriň Tertibi barada hasabat berdi.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, wise-premýere degişli tabşyryklary berdi.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Orazdurdyýewanyň hasabaty diňlenildi. Bellenilişi ýaly, 2025-nji ýylyň 1 — 10-njy ýanwary aralygynda Täze ýyl dabaralaryny geçirmek meýilleşdirilýär. Şeýle hem zehinli çagalara Gulbaba adyndaky çagalar baýragynyň gowşurylyş dabarasy geçiriler.

Söwda-senagat edarasynda 1 — 10-njy ýanwar aralygynda Täze ýyl mynasybetli baýramçylyk dabaralaryna gatnaşjak bagtyýar körpelere hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň we türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň adyndan sowgatlar gowşurylar. Şunuň bilen baglylykda, hormatly Prezidentimiziň garamagyna degişli teklip hödürlenildi.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, Täze ýyl baýramyna bagyşlanan dabaralary ýokary derejede geçirmegiň zerurdygyny belledi hem-de hödürlenen teklibi goldap, wise-premýere birnäçe tabşyryklary berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredow Ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça türkmen-ýapon we ýapon-türkmen komitetleriniň 15-nji bilelikdäki mejlisiniň netijeleri barada hasabat berdi. Döwlet Baştutanymyzyň garamagyna teklipler hödürlenildi. Şeýle hem hasabatda hormatly Prezidentimiziň Malaýziýa amala aşyran resmi saparynyň netijeleri barada aýdyldy.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, beýan edilen teklipleri makullady hem-de Türkmenistanyň Ýaponiýa bilen hyzmatdaşlygy yzygiderli ösdürmäge möhüm ähmiýet berýändigini belledi. Hormatly Prezidentimiz Malaýziýa amala aşyrylan resmi saparyň dowamynda hem birnäçe gepleşikleriň geçirilendigini we möhüm resminamalara gol çekilendigini belledi. Munuň özi Malaýziýa bilen hyzmatdaşlygy täze derejä çykarmakda aýgytly ädim boldy.

Soňra Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň Baş direktory M.Çakyýew milli awiasiýa pudagynyň işini kämilleşdirmek boýunça görülýän çäreler, hususan-da, Türkmenistanyň raýat awiasiýasynyň awiasiýa howpsuzlygyny üpjün etmegiň taýýarlanylan Döwlet maksatnamasy barada hasabat berdi. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyzyň garamagyna degişli resminamanyň taslamasy hödürlenildi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, Türkmenistanyň raýat awiasiýasynyň awiasiýa howpsuzlygyny üpjün etmegiň Döwlet maksatnamasyny tassyklamak hakynda Karara gol çekdi hem-de ony sanly ulgam arkaly agentligiň ýolbaşçysyna iberdi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň sanly ulgam arkaly geçirilen mejlisini jemläp, oňa gatnaşanlara berk jan saglyk, maşgala abadançylygyny, berkarar Watanymyzyň gülläp ösmegi ugrunda alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ПРЕЗИДЕНТА РЕСПУБЛИКИ МОЛДОВА

Президент Сердар Бердымухамедов направил сердечные поздравления и наилучшие пожелания Президенту Республики Молдова Майе Санду по случаю вступления в должность Президента Республики Молдова.

Пользуясь этой приятной возможностью, глава государства выразил Президенту Майе Санду искренние пожелания крепкого здоровья, счастья и благополучия, а также больших успехов на высоком государственном посту во имя развития и процветания дружественной страны.

# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ WE MALAÝZIÝANYŇ PREMÝER-MINISTRINIŇ ARASYNDA GEPLEŞIKLER GEÇIRILDI



2024-nji ýylyň 19-njy dekabrynda Malaýziýanyň paýtagtynda Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow bilen Malaýziýanyň Premýer-ministri Anwar Ibrahimiň arasynda gepleşikler geçirildi.

Şu gün ir bilen döwlet Baştutanymyz motosikletçiler kerweniniň ugratmagynda Putrajaýa şäherinde ýerleşýän Hökümet binasyna — Perdana Putra geldi.

Prezident Serdar Berdimuhamedow Malaýziýanyň Hökümet wekiliýetiniň agzalary bilen, öz nobatynda, Premýer-ministr Anwar Ibrahim hem Türkmenistanyň Hökümet wekiliýetiniň agzalary bilen tanyşdyrylýar. Döwlet Baştutanymyz daşary ýurtlaryň Malaýziýadaky diplomatik wekilhanalarynyň ýolbaşçylary bilen hem tanyşdyrylýar.

Resmi surata düşmek dabarasyndan soňra, Türkmenistanyň Prezidenti we Premýer-ministr Anwar Ibrahim Malaýziýanyň Hökümetiniň binasyna bardylar. Bu ýerde döwlet Baştutanymyz Hormatly myhmanlaryň kitabynda ýadygärlik ýazgy galdyrdy.

Soňra Prezident Serdar Berdimuhamedowyň we Malaýziýanyň Premýer-ministri Anwar Ibrahimiň arasynda çäkli düzümdäki gepleşikler geçirildi. Dostlukly ýurduň Hökümet Baştutany belent mertebeli myhmany mähirli mübärekläp, Malaýziýa resmi sapar bilen gelmäge çakylygy kabul edendigi üçin hoşallygyny beýan etdi.

Prezident Serdar Berdimuhamedow bildirilen myhmansöýerlik üçin Türkmenistanyň wekiliýetiniň adyndan minnetdarlyk bildirdi hem-de türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň Malaýziýanyň Premýer-ministri Anwar Ibrahime iberen salamyny ýetirdi.

Söhbetdeşler netijeli syýasy dialogy mundan beýläk-de giňeltmek, söwda-ykdysady hyzmatdaşlygy ösdürmek baradaky pikirlerini beýan edip, döwletara gatnaşyklaryň aýrylmaz bölegi bolup durýan hem-de Türkmenistanyň we Malaýziýanyň halklarynyň arasynda dostlugy pugtalandyrmaga ýardam berýän medeni-ynsanperwer hyzmatdaşlygy höweslendirmegiň möhümdigini nygtadylar. Şeýle-de taraplar özara gyzyklanma bildirilýän sebit hem-de halkara syýasatyň derwaýys meseleleri boýunça pikir alyşdylar.

Soňra gepleşikler Türkmenistanyň we Malaýziýanyň Hökümet wekiliýetleriniň agzalarynyň gatnaşmagynda giňişleýin düzümde dowam etdi.

Premýer-ministr Anwar Ibrahim belent mertebeli myhmany hem-de ýurdumyzyň wekiliýetini mähirli mübärekläp, Malaýziýanyň Türkmenistan bilen hyzmatdaşlyga uly ähmiýet berýändigini belledi we türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyza öz adyndan hem-de Malaýziýanyň Ýokary Baştutany Sultan Ibrahimiň adyndan salamyny we iň gowy arzuwlaryny beýan etdi.

Premýer-ministr nebitgaz pudagyndaky özara gatnaşyklaryň meselelerine ünsi çekip, Türkmenistanda «PETRONAS» döwlet nebitgaz kompaniýasynyň netijeli işlemegi üçin amatly şertleriň döredilýändigini belledi we munuň üçin kompaniýanyň hem-de öz wekilçilik edýän ýurdunyň adyndan hormatly Prezidentimize tüýs ýürekden hoşallygyny beýan etdi.

Premýer-ministriň nygtaýşy ýaly, medeni-ynsanperwer ulgam Türkmenistan bilen Malaýziýanyň arasyndaky hyzmatdaşlygyň möhüm ugurlarynyň hataryndadyr. Türkmenistanyň şöhratly taryhy we baý medeniýeti bar. Şu ýyl ýurtda beýik türkmen şahyry Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygy giňden bellenildi. Söz ussady öz şygyrlarynda ynsanperwerlige, agzybirlige, adalatlylyga çagyrypdyr. Malaýziýanyň ylmy işgärleridir alymlary Magtymguly Pyragynyň eserlerini malaý diline terjime etmek bilen meşgullanýarlar. Şahyryň şygyrlary dünýä edebiýatynyň genji-hazynasynyň aýrylmaz bölegine öwrüldi.

Soňra Prezident Serdar Berdimuhamedowa söz berildi.

Döwlet Baştutanymyz Malaýziýa sapar bilen gelmäge çakylyk we bildirilen myhmansöýerlik üçin Türkmenistanyň wekiliýetiniň adyndan minnetdarlyk bildirip, ýurdumyz bilen Malaýziýanyň arasyndaky gatnaşyklaryň indi 30 ýyldan gowrak wagt bäri dowam edýändigini, şu ýyllaryň dowamynda hyzmatdaşlygyň baý tejribesiniň toplanandygyny we ikitaraplaýyn şertnama-hukuk binýadynyň döredilendigini belledi.

Döwlet Baştutanymyz ikitaraplaýyn gatnaşyklary yzygiderli ösdürmek üçin ugurlary kesgitlemegi teklip edip, biz iri halkara guramalaryň, ýagny Birleşen Milletler Guramasynyň, Yslam Hyzmatdaşlyk Guramasynyň, Goşulyşmazlyk Hereketiniň çäklerinde üstünlikli hyzmatdaşlyk edýäris hem-de birek-birege goldaw berýäris. Malaýziýanyň Türkmenistanyň alyp barýan daşary syýasy ugruna hormat bilen garaýandygyna ýokary baha berýäris diýip belledi we Türkmenistanyň hem, öz gezeginde, Malaýziýanyň halkara parahatçylygy, howpsuzlygy berkitmäge, Durnukly ösüş maksatlaryny amala aşyrmaga gönükdirilen başlangyçlaryny goldamagy dowam etdirjekdigini tassyklady.

Söwda-ykdysady hyzmatdaşlyk türkmen-malaý gatnaşyklarynyň möhüm ugry bolup durýar. Şunuň bilen baglylykda, oba hojalygy, dokma senagaty, energetika we ulag pudaklary ýaly ugurlarda hyzmatdaşlygyň meselelerine jikme-jik seretmek teklip edildi.

Bu meselede ýurtlarymyzyň işewür toparlaryna aýratyn orun degişlidir. Biz 2015-nji ýylda Kuala-Lumpurda bilelikdäki Türkmen-malaý işewürlik maslahatyny geçirdik diýip, hormatly Prezidentimiz belledi we nobatdaky forumy Aşgabatda geçirmegi teklip etdi. Döwlet Baştutanymyz ýurtlarymyzyň Söwda-senagat edaralarynyň arasynda göni iş gatnaşyklary ýola goýmagyň möhümdigine ünsi çekip, bu edaralaryň iki ýurduň kärhanalarynyň we kompaniýalarynyň birek-biregiňkide geçirilýän sergilere, ýarmarkalara, forumlara gatnaşmagyny üpjün etmelidiklerini belledi. Şunuň bilen birlikde, hormatly Prezidentimiz söwda-ykdysady gatnaşyklary ulgamlaýyn ösdürmek üçin Ykdysady we ylmy-tehniki hyzmatdaşlyk boýunça bilelikdäki türkmen-malaý hökümetara toparyny döretmegi teklip etdi.

Döwlet Baştutanymyz 2028-nji ýylda Sarawak ştatynda Bütindünýä suw kongresini hem-de sergisini geçirmek baradaky çözgüdiň Malaýziýanyň halkara giňişlikde öňe sürýän başlangyçlarynyň möhümdigini ýene-de bir gezek tassyklaýandygyny aýdyp, Türkmenistanyň ýokary derejede geçiriljek şu forumyň işine ýakyndan gatnaşjakdygyny nygtady hem-de pursatdan peýdalanyp, malaý tarapyna bu iri çäreleri geçirmekde uly üstünlikleri arzuw etdi.

Türkmenistanyň Prezidenti geçirilen netijeli gepleşikler, Türkmenistan bilen Malaýziýanyň arasyndaky dostlugy, özara düşünişmegi we hyzmatdaşlygy ösdürmäge taýýardygy üçin Premýer-ministr Anwar Ibrahime ýene-de bir gezek minnetdarlyk bildirip, Malaýziýanyň halkyna parahatçylyk, abadançylyk baradaky iň gowy arzuwlaryny beýan etdi.

Premýer-ministr Anwar Ibrahim çuň manyly çykyşy üçin hormatly Prezidentimize hoşallyk bildirip, syýasy-diplomatik, maliýe, oba hojalygy, medeniýet ulgamlaryndaky hyzmatdaşlygyň ýurtlarymyzyň arasyndaky gatnaşyklarda möhüm orun eýeleýändigini belledi we bu babatda beýan eden başlangyçlary üçin döwlet Baştutanymyza hoşallyk bildirdi.

Premýer-ministr Anwar Ibrahim hormatly Prezidentimiziň energetika, ulag, tehnologiýalar ulgamlaryny hyzmatdaşlygyň geljegi uly ugurlary hökmünde görkezendigini aýdyp, Malaýziýanyň bu ugurdaky taslamalary durmuşa geçirmäge taýýardygyny tassyklady. Şeýle hem ol Türkmenistanyň «Merkezi Aziýa - ASEAN» formatyny döretmek başlangyjyny goldaýandygyny we bu formatyň çäklerinde hyzmatdaşlyga taýýardygyny beýan etdi.

Çykyşyň ahyrynda Anwar Ibrahim Türkmenistanyň daşary syýasatda Bitaraplyk ýörelgelerine eýerýändigini we Malaýziýanyň bu syýasaty goldaýandygyny aýdyp, ýurdumyzyň Bitaraplygynyň halkara giňişlikde gazanan üstünlikleri bilen gutlady.

Giňişleýin düzümdäki gepleşikler tamamlanandan soňra, Türkmenistanyň Prezidentiniň we Malaýziýanyň Premýer-ministriniň gatnaşmagynda ikitaraplaýyn resminama gol çekmek dabarasy boldy.

Prezident Serdar Berdimuhamedow we Premýer-ministr Anwar Ibrahim dabara gatnaşýanlaryň şowhunly el çarpyşmalary astynda resmi saparyň jemleri boýunça Türkmenistanyň we Malaýziýanyň arasynda Bilelikdäki Beýannama gol çekdiler.

Şeýle hem taraplar Türkmenistanyň Hökümeti bilen Malaýziýanyň arasynda ikitaraplaýyn resminamalaryň uly toplumyna gol çekdiler.

Gol çekmek dabarasy tamamlanandan soňra, Türkmenistanyň Prezidenti we Malaýziýanyň Hökümetiniň Baştutany metbugat wekillerine ýüzlendiler.

Hormatly Prezidentimiz Malaýziýa amala aşyrýan saparynyň netijelerine ýokary baha berip, saparyň dowamynda gazanylan ylalaşyklaryň we kabul edilen möhüm resminamalaryň ikitaraplaýyn gatnaşyklary has-da çuňlaşdyrmaga, söwda-ykdysady, medeni-ynsanperwer we beýleki ugurlarda hyzmatdaşlygyň uly mümkinçiliklerini durmuşa geçirmäge ýardam etjekdigini nygtady.

Döwlet Baştutanymyz sözüniň ahyrynda Malaýziýanyň Premýer-ministri Anwar Ibrahime myhmansöýerligi üçin tüýs ýürekden minnetdarlyk bildirdi hem-de pursatdan peýdalanyp, Malaýziýanyň dostlukly halkyna parahatçylyk, abadançylyk, gülläp ösüş arzuw etdi.



## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ВСТРЕТИЛСЯ С РУКОВОДИТЕЛЯМИ МАЛАЗИЙСКОЙ КОМПАНИИ «PETRONAS»

19 декабря 2024 года в рамках официального визита в Малайзию, Президент Сердар Бердымухамедов встретился с руководителями малазийской компании «Petronas» во главе с председателем и главным исполнительным директором Тан Шри Тенгку М. Тауфиком.

На встрече были обсуждены приоритетные направления сотрудничества, его нынешнее состояние и перспективы с учётом требований времени.

Был подчеркнут важный вклад малазийской компании «Petronas» в раскрытие энергетического потенциала Туркменистана. На протяжении почти 30 лет компания активно участвует в проектах по добыче углеводородных ресурсов в Турк-менистане. Кроме того, она эффективно занимается подготовкой квалифицированных специалистов для нефтегазовой отрасли страны.

Стороны обсудили возможности дальнейшего наращивания взаимодействия по новым направлениям с учётом программ экономического развития, осуществляемых реформ в промышленном секторе и благоприятных условий, созданных для бизнеса в Туркменистане.

Отметив значение состоявшихся ранее визитов Национального Лидера туркменского народа Героя-Аркадага в Малайзию, руководители нефтегазовой компании «Petronas» высказали Президенту Сердару Бердымухамедову признательность за созданные условия для плодотворной работы в Туркменистане. Была выражена уверенность в том, что взаимовыгодное двустороннее сотрудничество будет успешно развиваться и впредь.

Затем Президент Сердар Бердымухамедов прошёл на смотровой мост «Skybridge», соединяющий башни «Petronas», где проходила встреча. Здесь руководители компании ознакомили главу государства с историей и особенностями здания.

После встречи глава Туркменистана проследовал в Международный аэропорт города Куала-Лумпур.

Здесь состоялась беседа Президента Сердара Бердымухамедова с официальным представителем Малайзии, в ходе которой отмечено, что сотрудничество между двумя странами последовательно расширяется по широкому спектру направлений. Представитель Малайзии поздравил главу Туркменистана с успешным завершением официального визита и преподнёс в дар специальное издание, посвящённое взаимным визитам на высшем уровне.

Президент Сердар Бердымухамедов поблагодарил за добрые слова и подарок.

Завершив программу официального визита, Президент Туркменистана возвратился на родину.



## TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI GDA-NYŇ DÖWLET BAŞTUTANLARYNYŇ RESMI DÄL SAMMITINE GATNAŞDY

2024-nji ýylyň 25-nji dekabrynda Prezident Serdar Berdimuhamedow, däp bolşy ýaly, Täze ýylyň öňüsyrasynda geçirilýän Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň döwlet Baştutanlarynyň resmi däl sammitine gatnaşmak üçin Russiýa Federasiýasyna iş sapary bilen ugrady. Aşgabadyň Halkara howa menzilinde döwlet Baştutanymyzy ýurdumyzyň resmi adamlary ugratdylar.

Türkmenistanyň Prezidentiniň uçary Sankt-Peterburga çenli uçuşy amala aşyryp, «Pulkowo» Halkara howa menzilinde gondy. Bu ýerde döwlet Baştutanymyzy resmi adamlar mähirli garşyladylar.

Günüň ikinji ýarymynda Prezident Serdar Berdimuhamedow «Igora» gyşky sport oýunlary toplumynyň Buzly köşgüne bardy. Bu iri toplum ýaryşlary we türgenleşikleri, dürli derejeli çäreleri geçirmek üçin köpugurly meýdança bolup durýar. Onuň düzümindäki Buzly köşk buzly meýdançany, maslahatlar zalyny we beýleki desgalary özünde jemleýär.

Buzly köşgüň eýwanynda Prezident Serdar Berdimuhamedowy Russiýa Federasiýasynyň Prezidenti Wladimir Putin mähirli garşylady. Soňra Olimpiýa zalynda GDA-nyň döwlet Baştutanlarynyň resmi däl sammiti geçirildi.

RF-niň Prezidenti Wladimir Putin ýokary derejedäki duşuşygy açyp, daşary ýurtly kärdeşlerini ýene-de bir gezek mähirli mübärekledi hem-de resmi däl sammite gatnaşmak üçin Sankt-Peterburga gelmäge çakylygy kabul edendikleri üçin hemmelere hoşallyk bildirdi.

Sammitiň dowamynda şu ýyl Arkalaşygyň çäklerinde ýerine ýetirilen işleriň netijelerine seredildi, hyzmatdaşlygyň ileri tutulýan ugurlary hem-de geljek üçin wezipeler kesgitlenildi. Ykdysady hyzmatdaşlygyň oňyn görkezijileri kanagatlanma bilen bellenildi. Şeýle hem sebit we ähলumumy gün tertibiniň möhüm meseleleri boýunça pikir alşyldy. Arkalaşygyň ýurtlarynyň hoşmeýilli erke, özara hormat goýmaga, ynanyşmaga esaslanýan deňhukukly özara bähbitli hyzmatdaşlyga üýtgewsiz ygrarlydyklary nygtaldy.

Söwda-ykdysady ulgam Arkalaşygyň çäklerindäki hyzmatdaşlygyň ileri tutulýan ugry bolup durýar. Türkmenistan bu ugurdaky netijeli gatnaşyklary çuňlaşdyrmaga hem-de diwersifikasiýalaşdyrmaga aýratyn üns berýär. 2019-njy ýylyň oktýabrynda Aşgabatda geçirilen Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň sammitiniň netijeleri boýunça kabul edilen GDA agza döwletleriň strategik ykdysady hyzmatdaşlygy hakynda Jarnama muňa aýdyň şaýatlyk edýär.

Bu resminama türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň başlangyjy bilen işlenip taýýarlanyldy. Jarnamanyň esasy ýörelgeleri GDA-nyň 2030-njy ýyla çenli döwür üçin ykdysady ösüş Strategiýasynyň esasyna goýuldy. Onuň kabul edilmegi hyzmatdaşlygy täze mazmun bilen baýlaşdyrdy. Ulag, ýangyç-energetika toplumy, aragatnaşyk, kommunikasiýalar, söwda, innowasiýalar we tehnologiýalar ýaly Türkmenistanyň aýratyn ähmiýet berýän ulgamlary bu Strategiýanyň ileri tutulýan ugurlarynyň hataryna girizildi. Özara söwdanyň giňeldilmegi, haryt dolanyşygynyň möçberiniň artdyrylmagy, senagat, sanly geçiş boýunça uzak möhletleýin gatnaşyklaryň ösdürilmegi, maýa goýumlaryň, işewürligiň höweslendirilmegi häzirki döwrüň esasy wezipeleriniň hataryndadyr.

Ynsanperwer ulgam hem GDA formatyndaky hyzmatdaşlygyň möhüm ugrudyr. Medeni özara baglanyşyk, ýurtlarymyzyň halklarynyň ruhy taýdan ýakynlygy, umumy taryh Arkalaşygyň çäklerindäki gatnaşyklaryň berk binýady bolup çykyş edýär.

Prezident Wladimir Putin GDA-nyň döwlet Baştutanlaryny geljek ýyl Moskwada şanly sene — Beýik Watançylyk urşunda gazanylan Ýeňşiň 80 ýyllygy mynasybetli geçiriljek dabaralara gatnaşmaga çagyrdy. Nygtalyşy ýaly, ýowuz uruş ýyllarynda biziň halklarymyz frontda we tylda taýsyz gahrymançylyk, edermenlik görkezdiler. Arkalaşygyň ýurtlarynda bu gahrymançylygy hemişe hatyralaýarlar.

Şeýle hem Russiýa Federasiýasynyň Prezidenti şu mümkinçilikden peýdalanyp, GDA agza ýurtlaryň ähli raýatlaryna ýetip gelýän Täze ýyl mynasybetli tüýs ýürekden gutlaglaryny, iň gowy arzuwlaryny beýan etdi. Bu ýerde belent mertebeli myhmanlaryň hormatyna Russiýa Federasiýasynyň Prezidentiniň adyndan resmi däl günortanlyk nahary berildi.

Russiýa Federasiýasyna iş saparynyň maksatnamasy tamamlanandan soňra, Prezident Serdar Berdimuhamedow «Pulkowo» Halkara howa menziline bardy we bu ýerden Watanymyza ugrady. Aşgabadyň Halkara howa menzilinde döwlet Baştutanymyzy resmi adamlar garşyladylar.

# Интернет газета
# Международные новости


## МЕРОПРИЯТИЯ В ЧЕСТЬ МАХТУМКУЛИ ФРАГИ ПРОШЛИ НА ПЛОЩАДКЕ ИСЕСКО В МАРОККО

18 декабря 2024 года делегация Туркменистана во главе с заместителем министра иностранных дел Туркменистана Мяхри Бяшимовой приняла участие в мероприятиях по празднованию 300-летия со дня рождения великого туркменского поэта Махтумкули Фраги, которые прошли в штаб-квартире Исламской всемирной организации по вопросам образования, науки и культуры (ИСЕСКО) в городе Рабат, Королевство Марокко.



Мероприятия организованы Правительством Туркменистана совместно с Генеральным директоратом ИСЕСКО и Генеральным секретариатом Международной организации тюркской культуры (ТЮРКСОЙ).

В первой половине дня состоялась встреча М.Бяшимовой с Генеральным директором ИСЕСКО доктором Салемом Бин Мохаммед Аль Маликом. Стороны обсудили возможности развития сотрудничества, подчеркнув важность культурной дипломатии в развитии дружественных связей между странами и народами.

Далее состоялось открытие научно-практической конференции «Совместные усилия для всестороннего изучения жизни и творчества Махтумкули Фраги» с участием представителей туркменских и зарубежных ученых.

Открывая конференцию, Генеральный директор ИСЕСКО Др. Салем Бин Мохаммед Аль Малик подчеркнул особую значимость гуманистическое содержание творчества Махтумкули Фраги для всего человечества, в особенности для Исламского мира. Как отметил глава ИСЕСКО, Махтумкули Фраги создал уникальный мост, соединяющий страны и народы. Далее выступил Генеральный секретарь ТЮРКСОЙ Султан Раев. Он выразил благодарность руководству Туркменистана, а также ИСЕСКО за поддержку инициативы празднования 300-летия Махтумкули Фраги в Королевстве Марокко.

Господин Раев особо отметил, что данные мероприятия являются своеобразным стимулом для сближения народов через общие ценности. Он также подчеркнул, что ТЮРКСОЙ при поддержке Правительства Туркменистана реализует и будет продолжать осуществлять многоплановые проекты, нацеленные на популяризацию национальной идентичности туркменского народа.

В своем выступлении заместитель Министра иностранных дел Туркменистана Мяхри Бяшимова, выразив благодарность руководству ИСЕСКО и ТЮРКСОЙ за организацию данного мероприятия на высоком уровне, отметила что чествование Махтумкули Фраги во всем мире еще раз подтверждает его значимость для всего человечества.

На конференции также выступила Чинар Рустемова, Ответственный секретарь Национальной комиссии Туркменистана по делам ЮНЕСКО, Какаджан Джанбеков, ученый-секретарь Институт языка, литературы и национальных рукописей имени Махтумкули Академии Наук Туркменистана, доцент, доктор факультета современных диалектов тюркских языков Анкаринского университета Селджан Саглык Шахин, а также руководитель департамента партнерства и сотрудничества ИСЕСКО Анар Каримов.

В выступлениях была отмечена значимость данного мероприятия в популяризации наследия Махтумкули Фраги и его творчества на площадке ИСЕСКО, являющейся второй по величине организацией научно-образовательного и культурного направления. В качестве примера отмечены работы марокканского ученого Абу Абдуллах Мохаммед ибн Баттута, который еще в XIV веке посетил Древний Куняургенч и ознакомился с богатой культурой туркменского народа.

Особо подчёркнута значимость произведений Махтумкули Фраги с точки зрения наставничества и воспитания, которые на протяжении 300 лет служат путеводителем, призывающим к человечности, гуманности и миролюбию.

После завершения конференции состоялся гала-концерт мастеров культуры и искусства тюркского мира.

## PARTICIPATION OF THE DELEGATION OF TURKMENISTAN IN THE JUBILEE TABLE IN HONOR OF THE 30TH ANNIVERSARY OF THE NEUTRALITY OF MOLDOVA

On December 18, 2024, the Ambassador of Turkmenistan to Ukraine and concurrently accredited in the Republic of Moldova, Toyly Atayev and the Director of the Scientific Center for Strategic Studies of the Institute of International Relations of the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan, Ambassador Shiri Shiriyev attended online the jubilee round table on the topic "30 years since the proclamation of the permanent Neutrality of the Republic of Moldova: achievements, problems and prospects".



During his speech, the Ambassador of Turkmenistan Toyly Atayev expressed gratitude to the leadership of the Parliament of the Republic of Moldova for the invitation to an important event for the independent neutral Republic of Moldova and its people on the occasion of the 30th anniversary of the proclamation of the country's neutrality and congratulated them on this significant event.

He noted that Turkmenistan and Moldova are building a reliable and mutually beneficial partnership based on friendship and mutual understanding, fruitful interaction within the framework of major international organizations, mutual support for international initiatives, and a commitment to the course of intensifying partnership in various fields.

The Ambassador of Turkmenistan spoke about international initiatives and practical steps taken by our country at the international level aimed at strengthening global peace, stability and sustainable development in cooperation with the UN and its international structures, as well as achieving peace and harmony in the region, providing countries with economic and humanitarian assistance and support.

Speaking about the events held in Ashgabat in honor of the International Day of Neutrality and the 29th anniversary of Turkmenistan's Neutrality, in particular the results of the high-level meeting of the Group of Friends of Neutrality for Peace, Security and Sustainable Development, Ambassador T. Atayev drew attention to the unanimous adoption on March 21 of this year by the UN General Assembly of the Resolution proposed by the Turkmen side on declaring 2025 the "International Year of Peace and Trust", when our country will celebrate the 30th anniversary of Turkmenistan's permanent neutrality.

# НОВОСТИ МИРА И РЕГИОНА

### *Туркменистан и ЮНИСЕФ развивают диалог в сфере STEAM-образования*

В ходе прошедшей 23 декабря встречи министра образования Туркменистана Джумамырата Гурбангельдыева с главой представительства ЮНИСЕФ Джалпой Ратна были подведены итоги совместной работы и намечены планы на будущее. Стороны отметили значительные успехи в реализации совместных проектов, направленных на улучшение качества образования и защиту прав детей.

Особое внимание было уделено развитию STEAM-образования. В этой связи отмечены открытие клуба робототехники в городе Аркадаг и внедрение современных цифровых технологий в учебный процесс. Были также обсуждены усилия по созданию интерактивных учебных материалов, внедрению информационной системы управления образованием и повышению уровня подготовки педагогов.

Были обсуждены новые возможности для сотрудничества, направленные на создание еще более эффективной и инклюзивной среды обучения. Джалпа Ратна отметила, что Туркменистан демонстрирует значительные успехи в продвижении прав детей и совершенствовании образовательной системы.

### *Туркменистан завоевал три медали на международном турнире по фигурному катанию в Ташкенте*

Туркменские фигуристы продемонстрировали успешные результаты на международном турнире по фигурному катанию Global Skating Academy Trophy, который прошел в Ташкенте, Узбекистан. В общей сложности команда Туркменистана завоевала две серебряные и одну бронзовую медали.

Серебряные медали завоевали ученица 10-го класса 52-й средней школы Ашхабада Айнур Бердыева и ученик 8-го класса средней школы №74 Рахман Ходжамкулиев. Оба спортсмена являются подопечными старшего тренера Илины Каримовой. Бронзовую награду на турнире завоевала ученица 6-го класса 54-й средней школы Ашхабада Ханна Сяхедова, которая тренируется под руководством главного тренера Абат Мухамметниязовой.

В соревнованиях приняли участие 220 спортсменов из шести стран, включая Россию, Казахстан, Туркменистан, Грузию, Объединенные Арабские Эмираты и страну-хозяйку — Узбекистан.

### *Туркменистан и КНР подписали соглашение о сотрудничестве в сфере сейсмологии*

Институт сейсмологии и физики атмосферы Академии наук Туркменистана подписал соглашение о научно-техническом сотрудничестве с Институтом сейсмологии Китайской Администрации по землетрясениям.

Стороны планируют укрепить партнерство для обмена научных сотрудников опытом и информацией, проведения совместных исследований и повышения квалификации педагогического состава. Было отмечено, что международное сотрудничество в сфере сейсмологии даст возможность с успехом справиться с текущими вызовами и сделать большой шаг вперед в сфере предотвращения землетрясений.

Научно-техническое партнерство двух институтов началось в 2017 году и успешно развивалось в последующие годы, в том числе в рамках участия в международных форумах.

***Материалы подготовлены на основе интернет-источников.***